Türkmenistanyň Daşky gurşawy
goramak ministriniň 2026-njy ýylyň
25-nji maýynda çykaran 101-Ö
belgili buýrugy bilen tassyklanyldy

**Aýratyn goralýan tebigy ýerleriň gorag zolaklary hakynda düzgünnama**

**I bap. Umumy düzgünler**

1. Aýratyn goralýan tebigy ýerleriň gorag zolaklary hakynda düzgünnama (mundan beýläk - Düzgünnama) "Aýratyn goralýan tebigy ýerler hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň (mundan beýläk - Kanun) 8-nji maddasyna laýyklykda işlenip taýýarlandy.

2. Şu Düzgünnama amatsyz daşky täsirden aýratyn goragy we goralyp saklanylmagyny üpjün etmek üçin aýratyn goralýan tebigy ýerleriň (mundan beýläk - Goraghana) töwereginde gorag zolaklaryny döretmegiň, şeýle hem Goraghanalaryň derejelerinden ugur alyp olaryň gorag zolaklarynyň ýerlerinde tebigatdan peýdalanmagyň, onuň ölçeglerini , serhetlerini kesgitlemegiň we gorag düzgünini bellemegiň tertibini kesgitleýär.

3. Şu Düzgünnamanyň maksatlary üçin Kanunda ulanylan düşünjeler ulanylýar.

4. Gorag zolagy – Goraghanalaryň we olarda bar bolan tebigy toplumlaryň hem-de obýektleriň ekologik ulgamlarynyň ýagdaýyna we dikeldilmegine ýaramaz täsir edýän, islendik işi bu zolaklaryň ýerlerinde gadagan etmek ýa-da çäklendirmek bilen Goraghanalary bu ýaramaz täsirlerden goramak maksady bilen olaryň käbir görnüşleriniň töwereginde döredilýän zolakdyr. Onuň giňligi adatça 2 kilometrden az bolmaly däl.

5. Gorag zolaklary:

1) döwlet tebigy goraghanalaryň we döwlet biosfera goraghanalaryň töwereginde hökmany tertipde döredilýär;

2) milli tebigy seýilgähleriň we beýleki aýratyn goralýan tebigy ýerleriň töwereginde döredilip bilner.

6. Gorag zolaklaryny döretmek hakynda karar Goraghanalaryň

derejelerinden ugur alnyp kabul edilýär. Gorag zolaklary onyň ýerlerinde tebigatdan peýdalanmagy, gorag zolaklarynyň ölçeglerini, serhetlerini we düzgüni göz öňünde tutup:

1) halkara we döwlet ähmiýetli – Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň (mundan beýläk - ygtyýarly edara) teklipnamasy boýunça Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan;

2) ýerli ähmiýetli – ygtyýarly edara bilen ylalaşylyp, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary tarapyndan bellenýär.

7. Gorag zolagyny bellemek hakynda karar – Goraghanalary döretmek bilen bir wagtda kabul edilýär.

8. Gorag zolagynyň ýerini yglan etmek hakynda karar degişli ýer bölekleriniň (suw obýektleriniň) eýelerinden we peýdalanyjylaryndan olaryň alynmagyna eltmeýär. Ýer bölekleriniň (suw obýektleriniň) eýeleri we ýer böleklerinden (suw obýektlerinden) peýdalanyjylar gorag zolagynyň gorag düzgünini berjaý etmäge borçludyrlar.

## II bap. Gorag zolaklarynyň maksady we wezipeleri

9. Gorag zolaklarynyň bellenilmeginiň esasy maksatlary Goraghanalary daşky täsirlerden (howanyň we suwuň hapalanmagyndan, topragyň eroziýasyndan we inwaziw görnüşleriň aralaşmagyndan), ekoulgamyň zaýalanmagyndan goramak, görnüşleriň göçme ýollaryny we genetiki alyş-çalyşyny saklamak üçin gorag wezipelerini üpjün etmek, biodürlüligiň we gidrologik durnuklylygyň dikeldilmegine goldaw bermek, şeýle hem Goraghanalaryň bähbitleri üçin döwlet ekologik monitoringini we ylmy barlaglary geçirmekden ybaratdyr.

1) Gorag zolaklary aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýär:

1) öňüni alyş – Goraghanalara edilýän antropogen täsirleriň öňüni almak we olary azaltmak;

2) dikeldiji – bozulan ýerleri dikeltmek we ýanaşyk ýerlerdäki tebigy toplumlary dikeltmek;

3) durmuş-ykdysady – Goraghanalaryň maksatlaryna we wezipelerine zyýanly täsir etmeýän, şol sanda öri meýdanlaryny ulanmak bilen düzgünleşdirilen däp bolan tebigaty dolandyrmak işini goldamak.

11. Gorag zolaklarynyň ini we boýy (konfigurasiýasy) Goraghanalaryň görnüşini, ýanaşyk ýerleriň ykdysady ulanyş tertibini, görnüşleriň göçme ýollaryny, gidrologik düzgüni we tebigy toplumlary

we Goraghanalaryň ýerleriniň daşarky täsirlerden gorag zolagyny üpjün edýän beýleki ýagdaýlary göz öňünde tutup, tebigy geografik we landşaft çäklerine (suw howdanlary, derýalar, dag gerişleri) esaslanyp, aýratynlykda kesgitlenýär. Minimal giňlik 2 km az bolmaly däl. Aýratyn ýagdaýlarda gorag zolagynyň (derýalara, deňiz kenaryna, daglara, şeýle hem serhet ýakasyna dirände we beýlekiler) minimal giňligiň 1 km bolmagyna ýol berilýär.

12. Gorag zolaklaryň çäkleri, ini we boýy (konfigurasiýasy) aşakdaky ýörelgelere esaslanyp kesgitlenýär:

1) ekologiýa-landşaft çemeleşmesi - tebigy päsgelçilikleri (derýalar, dag gerişleri, tokaýlar) hasaba almak bilen;

2) haýwanlaryň göçme zolaklary we toprak-howa şertleri - döwlet gözegçiliginiň netijelerine esaslanyp (bäş ýylda azyndan bir gezek) uýgunlaşmagy göz öňünde tutup, serhet düzedişleri;

3) toplumlaýyn - suw çeşmeleriniň, öri meýdanlarynyň we beýleki ýörite düzgünli ýerleriň sanitariýa gorag zolaklary bilen utgaşdyrylmagyny üpjün etmek;

4) zyýany azaltmak - kanunçylykda göz öňünde tutulan öwezini dolmak çärelerini üpjün etmek bilen, ýer eýelerden we ýerden peýdalanyjylardan mes ýerleriň alynmagynyň öňüni almak.

13. Ýurdy durmuş-ykdysady ösüş maksatnamalary we meýilnamalary, tokaý hojalygyny ösdürmek, tokaý zolaklaryny emele getirmek boýunça taslamalar işlenip düzende, çäk bölünişikleriniň resminamalary taýýarlaýanda, ýerleriň tükellemesi geçirilende gorag zolaklarynyň araçäkleri we gorag düzgünleriniň aýratynlyklary göz öňünde tutulmalydyr.

14. Gorag zolaklarynyň çäkleri ýörite duýduryş we maglumat bellikleri bilen bellenilýär.

## III bap. Gorag zolaklarynyň gorag düzgüni

15. Goraghanalaryň gorag zolaklarynyň ýerlerinde goraghananyň ekologik ulgamlaryny gorap saklamak maksady bilen tebigatdan peýdalanmagyň şu aşakdaky görnüşleri gadagandyr:

1) täze ilatly ýerleri döretmek, bar bolanlaryň meýdanyny giňeltmek;

2) obýektleri ýerleşdirmek, taslamak, gurmak we ulanmak, goraghanalaryň ekologik ulgamlaryna ýaramaz täsir edýän täze tehnologiýalary ornaşdyrmak;

3) haýwanat we ösümlik dünýäsi üçin zäherli awuly himikatlary, dökünleri we gerbisidleri ulanmak bilen intensiw görnüşlerde oba we tokaý hojalygyna ornaşdyrmak;

4) galyndylary ýerleşdirmek, atmosfera we suw çeşmelerine hem-de topraga hapalaýjy maddalary we hapa suwlary dökmek;

5) gazylyp alynýan peýdaly baýlyklary çykarmak;

6) höwesjeň, sport we senagat taýdan aw etmek;

7) radioaktiw materiallary we senagat galyndylaryny gömmek;

8) Goraghananyň ekologiýa ulgamlarynyň gidrologik düzgünini üýtgetmäge ukyply iş (suwlaryň tebigy akymyny bes etmäge ýa-da azaltmaga getirýän bentleriň, gaçylaryň, gidrotehniki desgalaryň we beýleki obýektleriň gurluşygy);

9) ýabany haýwanlaryň we ýabany ösýän ösümlikleriň keseki görnüşleriniň introduksiýasy;

10) Goraghananyň ekologik ulgamlaryna zyýanly täsir edýän başga işler.

16. Goraghanalaryň gorag zolaklarynyň ýerlerinde Goraghananyň ekologik ulgamlarynyň ýagdaýyna ýaramaz täsir etmeýän tebigatdan peýdalanmagyň şu aşakdaky görnüşleri amala aşyrylyp bilner:

1) tokaýlarda arassaçylyk we sanitariýa işi;

2) biologik köpdürlüligiň abat saklanylmagyna we şeksizligini üpjün etmäge gönükdirilen iş;

3) daşky gurşawyň monitoringi we ekologiýa ulgamlarynyň üýtgemelerine gözegçilik;

4) ýangynlara garşy göreş işlerini geçirmek;

5) bozulan ýerleriň rekultiwasiýasy;

6) tokaý we beýleki ösümlik bileleşiklerini dikeltmek;

7) ýabany haýwanlaryň ýaşaýan gurşawyny we sanyny dikeltmek;

8) ylmy barlaglary we tebigy gurşawyň ýagdaýynyň monitoringi geçirilmek, şol sanda Tebigatyň ýylýazgysyny ýöretmegi geçirmek hem-de ekologiýa aň-bilim maksatly çäreleri geçirmek.

18. Şu Düzgünnamanyň 16-njy böleginde görkezilen Goraghanalaryň gorag zolaklarynyň ýerlerinde Goraghananyň ekologik ulgamlarynyň ýagdaýyna ýaramaz täsir etmeýän tebigatdan peýdalanmagyň rugsat berlen görnüşleri (işler) diňe ygtyýarly edaranyň rugsady bilen amala aşyrylýar: tokaý hojalygy işleri; biodürlüligi gorap saklamagyň çäklerinde däp bolan ýer ulanylyşy; syýahatçylyk we dynç alyş işleri; mineral suwlary ulanmak; täjirçilik, höwesjeň we sport balyk tutmagy (rugsat berlen zolaklarda); ýangyny söndürmek; ýerleri

dikeltmek; ösümlikleriň we haýwanlaryň ýaşaýan ýerlerini dikeltmek; ylmy barlaglar; daşky gurşaw gözegçiligi; ekologiýa bilimi; daşky gurşawy goramak, haýwanat dünýäsi we aw awlamak ulgamynda döwlet gözegçiligi; Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik beýleki işler.

19. Goraghanalaryň gorag zolaklarynda ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň kararlary bilen tebigatdan peýdalanmaga çäklendirmeler bellenilip bilinýär.

20. Gorag zolagynyň içinde geçirilýän işler gorag zolagyň tebigy toplumlaryna ýaramaz (zyýanly) täsir etmeli däldir.

21. Gorag zolagynyň içinde tokaýy ýangynlaryndan, zyýankeşlerden we kesellerden goramak işleri Türkmenistanyň Tokaý kodeksine laýyklykda amala aşyrylýar.

## IV bap. Jemleýji düzgünler

22. Şu Düzgünnamanyň kadalarynyň berjaý edilişine ygtyýarly edara gözegçilik edýär we gorag zolaklaryň işiniň netijeliligine monitoring geçirýär.

23. Şu Düzgünnamanyň kadalarynyň berjaý edilmegi bilen bagly ýüze çykýan jedeller Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde çözülýär.

24. Şu Düzgünnama bilen kadalaşdyrylmadyk gatnaşyklar Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.